# Tutsa gerekdir

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Tutsa gerekdir TUTSA GEREKDIR

Ýaranlar Eziz han toýuny indi,
Bir sähetli gün belläp tutsa gerekdir.
Mollamurt hiç gitmän öýüne indi,
Her dürli dessanlar düzse gerekdir.

Başdan aýak külli Ärsary gelip,
Teke, Salyr, Saryk bisýary gelip,
Utamyş, Togtamyş hem bary gelip,
Bir-birinden öňe gitse getekdir.

Bir aý baýrak bolar bedew çapylyp,
Meýdanlar süpürlip suwlar sepilip,
Köňül isläp herne zadyň tapylyp,
Dilegi Alladan bitse getekdir.

Ürgençden, Balkandan, Gazmyn, Tährandan,
Maşatdan, Hyratdan, Balh-Badahşandan,
Gazakdan, Galpakdan, Gyrgyz, Kokantdan,
Toýy gutlamaga gelse gerekdir.

Niçe müň bagşylar hoş owaz bilen,
Söhbetler gurular dürli saz bilen,
Näçe müň perizat geler näz bilen,
Harem tomaşasyn etse gerekdir.

Eziz etmiş möwlam ezelde muny,
Köňlüne salmandyr zerre gaýgyny,
Toý üçin halaýyk jem bolan güni,
Serpaýynyň sany ýetse gerekdir.

Türküstan oblastda tapylmaz taýy,
Eziz etmiş milletleriň hudaýy,
Şudur ýerde bolsa Hatamyň taýy,

Şadu-horram bolup gitse gerekdir…

Mollamurt. Goşgular